# Sere gelen setirler

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sere gelen setirler SERE GELEN SETIRLER

■ Neşe söwdasy bilen meşgullanmak hem edil ajal bilen gizlenpeçek oýnan ýalydyr.

■ Alara hiç zady bolmadygyň hem ýüzüni alýarlar.

■ Garynja ýaly jepakeş bolsaňam, iliňkini daşamaly däl.

■ Ýalançy dünýä çynyňy öleňsoň aýdýar.

■ Aýagyna dyrmaşdyrsaň, başyňa-da çykarlar.

■ Sözüň güýji ~ äheňinde.

■ «Garnym doýsa-da, gözüm doýanok» diýýäniň gözüni doýurmak hökman däl.

■ Nebsi agyrýana derman içirenoklar.

■ Hojaýynlyk satmak üçin ilki ony satyn alýan bar.

■ Ogrudan ogurlaňda ädim ogurlamaly.

Kejebesi daralýany düýeden düşürseň näder?!

■ Gülki ~ gül, agy ~ tiken.

■ Eli sowanyň ýüregem sowaýar.

■ Eli uzadan ýerine ýetýäne: «Eliňden gelse asmany çek» diýenoklar.

Atajan ANNABERDIÝEW. Sözler